# Kelemesini bilmeýän kişi musulmanmy?

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

**Sorag:** Esselämu aleýkum. Men size bir soragym bar. Kelemesini bilmeýän kişi musulmanmy? Köp kişi kelemesini bilenok özlerinede musulman men diýýär! Şol dogrumy?

**Jogap:**

Waleýkum esseläm we rahmetullahi we barakatuh
Kelimesini bilmeýän kişi özüne musulman diýsede musulman däldir, kapyrdyr. Musulmanlyk atadan ogla geçýän zat däldir. Yslam dindir we bu diniñ iman edilmeli esaslary we şertleri bardyr. We amal edilmeli ybadatlary bardyr.

Meşhur Jibril hadysynda, Jebraýyl perişde Pygamberimizden (sallallahu aleýhi we sellem) Yslam näme diýip soranda Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): **"Yslam bir Allahdan başga hak ilähyñ ýoklugyna we Muhammediñ (sallallahu aleýhi we sellem) Allahyñ Resulydygyna şaýatlyk etmek, namaz kylmak, zekat bermek, oraza tutmak we başarsañ haja gitmek"** diýip, jogap berýär.

Salamat boluñ!

www.ahlusunnet.com